# Ogulgerek eje (Gowşudowa)

Category: Ertekiler,Goşgular,Kitapcy,Sözler,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ogulgerek eje (Gowşudowa)

OGULGEREK EJE (GOWŞUDOWA)

Türkmen folklor mirasyny toplaýjylar, bu ugurdan ylmy-barlag işlerini alyp baran mirasgärler barada şu wagta çenli ylmy makalalar, işler ýazyldy. Emma halk hazynasyny iňňän köp öwrenip, baýlaşdyryp, ýat bekläp ussatlyk bilen aýdyp berýän, olary halkyň arasynda ýaýradýan ertekiçiler hakynda juda az ýazyldy. Olaryň zähmetlerine baha berilmedi diýen ýaly. Şolaryň birem ussat ýazyjy, dramaturg, türkmen folkloryny ürç edip toplaýjy, olary seljermekde, sünnäläp halka ýetirmekde irginsiz köp iş eden Ata Gowşudowuň ejesi Ogulgerek ejedir.
Filologiýa ylymlarynyň kandidaty A.Durdyýewa „Türkmen aýal-gyzlarynyň folklor mirasy“ atly işinde (iş 1997 ýylda ýerine ýetirilipdir). Ogulgerek Gowşudowanyň-da aýdyp beren we dürli-dürli adamlar tarapyndan ýazga geçirilen ertekilerini, rowaýatlaryny bir bukja toplapdyr, sözbaşy ýazypdyr. Aslynda Ogulgerek ejäniň dilinden ýazylyp alnan ertekiler, hekaýatlar Milli golýazmalar institutynyň elýazmalar hazynasynyň folklor bölüminiň 586, 181, 1418, 1417, 804 we 5925Э-nji we beýleki bukjalarda saklanylýar. Olar, esasan, aşakdakylardan ybarat:
„Gyzyldan gala“, „Myralyşir“, „Myralyşir bilen Soltansöýün“, „Munça mäkiýanyň bir horazy bolmazmy“, „Atyň gülüşi“, „Bir aýalyň ökde çykmasy“, „Görüp bilmezlik“, „Peşmekden habar“, „Myralyşiriň sargydy“, „Annaçy“, „Iňňejik“, „Urmak-sögmek“, „Men bir daşyndadyryn“, „Çemli yrsgal“, „Nowruz güni“, „Hüýrlukga“, „Ýylan döw“, „Üç aýak at“, „Haýýar“, „Ýeke Mämmetjan“, „Kyrk eşegiň süýdi“, „Köpbilmişiň özi öldi“, „Geleweri, bagty gara“, „Baý ogly Gara Käkil“, „Ýedi batyr“, „Mor towuk“, „Taşlanan aýal“, „Ataly-ogluň dawasy“, „Gylyç baý“, „Akylly gyz“, „Bir garrynyň ogly“, „Alp“, „Ogly atasyna

talaban“, „Garyp är-heleý“, „Patyşalar gyzyldan doýmaz“ ýaly ertekilerden, rowaýatlardyr şorta sözlerden, hüwdülerdir monjugatdylardan we lälelerden ybarat.
586-njy çeşmede Ogulgerek ejäniň dilinden 1939-njy ýylda ogly Ata Gowşudowyň ýazyp alan 14 sany ertekisiniň, şol sanda belli alym M.A.Sakaliniň rus dilinde „Ertekiçi Ogulgerek eje“ diýen gazet makalasynyň nusgasy („Turkmenskaýa iskra“ 01.10.1944) saklanylýar. Tekstler latyn elipbiýinde. Şol sanda 586-njy bukjada Ogulgerek ejäniň ogly Tagan Gowşudow tarapyndan göçürilen 14-den gowrak erteki, rowaýatdyr şorta sözler ýerleşdirilipdir. Tagan bu edebi çeper eserleri 1936-njy ýylyň awgust aýynda göçürip alypdyr. 804-bukjada bolsa Ogulgerek ejäniň aýdyp beren hüwdüleri, läleleri, monjugatdylary we käbir goşgulary saklanylýar. Ýöne olaryň kim tarapyndan göçürilendigi nämälim.
1418-nji çeşmedäki „Ejekejan“ atly ertekini Tagan Gowşudow ejesiniň we 1417 we 5925-nji çeşmelerdäki maglumatlary enesiniň dilinden Ogulgerek ejäniň agtygy Baharşat Gowşudowa ýazyp alypdyr, olary tertipläp, 1990-njy ýylyň 9-njy martynda golýazmalar hazynasyna tabşyrypdyr. Şol sanda bu bukjada Ogulgerek Gowşudowanyň we ogly Tagan Gowşudowyň terjimehaly bilen baglanyşykly gysgajyk maglumatlara orun berlipdir.
Ogulgerek eje 1887-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Hurmant Gökje obasynda dogulýar. Ony 15 ýaşynda durmuşa çykarýarlar. Ýöne adamsy ir ýogalyp, ikinji gezek başga biri bilen durmuş gurýar. Ogulgerek ejäniň kakasy 1932-nji ýylda aradan çykýar. Bularyň maşgalasy daýhançylyk bilen meşgullanypdyr. Bu ýagdaý daýhançylykdan başy çykýan Ata Gowşudowyň döredijiligine-de täsirini ýetiripdir. Ogulgerek eje 1848-nji ýylda Aşgabadyň depesinden inen tebigy belada—ýer titremede heläk bolýar. 1917-nji ýylda dünýä inen Tagan 1939-njy ýylda Aşgabatdaky Pedagogik instituty tamamlap, Kerkide mugallymçylyk edýär. Tagan Gowşudow Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyp, 1941-nji ýylda mertlerçe söweşip wepat bolýar. Tagandyr Ata Gowşudowyň ejesiniň dilinden folklor mirasyny ürç edip ýazyp alan ýyllary 1936-1939-njy ýyllaryň aralygyna gabat gelýär. Halk döredijiliginiň gadyryny bilýän, ony ilat arasyna ýaýradan

Ogulgerek ejäniň uly mirasyny bir ýere çugdamlamygy mirasgär A.Durdyýewanyň juda uly hyzmaty. Alym Ogulgerek ejäniň folklor mirasynda onuň jadyly hem gahrymançylykly ertekilere köp orun berlendigini dogry nygtapdyr. Bu ýagdaýyň bolsa Ata Gowşudowyň döredijiligine täsir etmejek gümany ýok. Seredilip oturylsa, ýokarky ertekileriň köpüsi çap edilip, halka ýetirilipdir. Ýöne gynansak-da, köpüsinde olaryň kimiň dilinden ýazylyp alnandygy bellenilmändir.
Türkmen halkynyň ajaýyp ýadygärligi Görogly şadessanyny çapa taýýarlap onuň iň kämil nusgasyny ilkinji bolup halka ýetiren Ata Gowşudowyň ussatlygyna diňe türkmen halky däl, dünýä belet. Bu meselede Ogulgerek ejäniň hyzmaty hele-müçük däl. Ogulgerek ejäniň halk paýhasyny ýerine ýetirijilikussatlygyna, onuň edebi-çeper mirasyna mirasgäriň, şol mirasa söýgüsine, onuň bütin maşgalasyna belet bolan alym zenan M.A.Sakali şeýle ýazypdyr: Ogulgerek eje aýdýan ertekilerini intonasiýa bilen gerek ýerinde hereket edip, joşup-joşup aýdýar. Şeýlelikde ol (Ogulgerek eje) hereketiň üsti bilen-de, söz üsti bilen-de gürrüň berýän wakasyny ussatlyk bilen diňleýjisiniň aňyna ýeter ýaly edýär. Ata Gowşudowyň dosty, ýazyjynyň bütin maşgalasyna belet Aleksandr Aborskiý Ogulgerek ejäni şeýle häsiýetlendiripdir. Ýatlamany gyzykly hem mirasgäriň milli häsiýetini, sypatyny ussatlyk bilen açýanlygy üçin doly aldyk. “Ogulgerek eje gartaň, eýýam 70 ýaşy arkasyna atan, syrdam, gaty görmegeý aýaldy. Han bakyşly ýüzüni dik tutuşynda, dikanlap seredişinde, köneleşen gözleriniň ýylpyldysynda, birhili, hökümli güýç, özüne çekiji mähir, içiňden geçip barýan ýitilik, tükenmez akyl-paýhas bardygy duýulýardy. Biziň hemmämiz, onuň oglunyň dostlary, ony öz enemiz ýaly görerdik. Herimiziň aýry-aýry gylyk-häsiýetimiz bolsa-da, eýýäm özbaşdak epeý adamlar bolsak-da, başga ýerlerde hernäçe goh turuzýan bolsak-da, Ogulgerek ejäniň ýanynda welin, jyňkymyzy çykaryp bilmezdik, edil burnumyz deşilen ýalydy, arak, çakyr içmäge-hä milt hem edip bilmezdik. Ogulgerek eje bize çaý bererdi. Ogly haýyş etse, keçäniň bir gyrasynda oturardy-da, hezil-hezil gürrüňler edip bererdi. Gürrüňçiligi üýtgeşikdi. Täsin rowaýatlaryň we gyzykly ertekileriň egsilmez hazynasyny saklap

gelen ýatkeşliginden başga-da ol aýalda birhili, artistlik ukyby bardy. Onuň bu ukyby barada öz wagtynda gazet-žurnallarda ýazypdyrlar.

Ogulgerek eje meniň gözüme gadym zamanyň lemmerleriniň içinden çykyp biziň döwrümize tötänleýin gelen ýaly bolardy. Onuň keşbi meniň gözümiň öňünden gidenok. Biziň iki gat agaç jaýymyzda ýekeje umumy kran bardy, hemmämiz elimiz bedreli şondan suw almaga barardyk. Bir görseň, 2-nji gatdan bu nazarkerde aýal hem suw almaga düşüp gelýändir. Başynda şol bir şalaryň täjine meňzäp duran ýalpyldawuk börügi, egninde goçuň şahy pisint aýlaw-aýlaw nagyşly çepbetew çabydy bardyr. Ogulgerek ejäniň elinde bedre däl-de, äpet küýze bolansoň, ol ertekilerdäki aýallara meňzäp durdy. Biziň howlumyzda uludan-kiçä, hemme kişi, ylaýta-da onuň gürrüňini diňlemek bagtyna miýesser bolanlar oňa uly hormat goýardylar.”

Ogulgerek ejäniň halkyň arasynda eşidip, öwrenip, ýatda saklap, üstüni ýetirip, çeperleşdirip gürrüň beren ertekileriniň diňe bir türkmen folkloryny baýlaşdyrmakdaky hyzmaty bolman, mazmuna dürli-dürli häsiýetlere baý, duýga, gahrymançylyga, ynsanperwerlige ýugrulan ertekileriniň her döwür üçinem terbiýeleýjilik, ýaşlara nesihat bermekde, olaryň ruhuny baýlaşdyrmakda, akyl-düşünjesini artdyrmakda öwredijilik häsiýeti güýçli. Onuň aýdyp beren, dürli-dürli adamlar tarapyndan ýazylyp alnan erteki gahrymanlary durmuşa hyjuwly, öz-diýenli, başarjaň, her hili kynçylyklary ýeňip geçmekde garadan gaýtmaz, ruhubelent gahrymanlar. Meselem „Hüýrlukga“ atly ertekide Söýeg batyr atly erteki gahrymany öňi bilen adamkärçilik sypatlary, ýagny mertligi, gaýratlylygy, hatda özüne hyýanat edenlere-de geçirimliligi bilen maksadyna ýetýär. „Ataly ogluň dawasynda-da“, „Baý ogly Gara Käkilde-de“ erteki gahrymanlarynyň, aýratyn-da körpe ogluň başarjaňlygy görkezilýär.

Ynsan akyl-paýhasy bilen herhili garşylyklary ýeňip geçmekde rüstem gelýär. Ýyrtyjy haýwanlar, döwler bilen iş salşanda-da adamzat nesli şol paýhasa daýanyp ýeňiş gazanýar. Maksadyna ýetýär. Ogulgerek ejäniň aýdan ertekileriniň köpüsine şu häsiýet mahsus. Ýa-da „Akylly gyz“ ertekisinde-de ýaş başyna

kynçylyklar düşende, mätäçlik çekende bu ýagdaýdan baş alyp çykmakda, akyl-paýhasy, başarnygy, zähmetsöýerligi, ugurtapyjylygy we beýleki asylly häsiýetleri bilen ünsi çekýär, täsir edýär. Olaryň häsiýetleriniň milliligem şol sypatlaryndan gelip çykýar. „Garyp är-aýal“ atly ertekide, garyplykdan halys leji çykyp, bizar bolup, çydaman, çyny bilen Hudaýdan hemaýat isläp, Taňrynyň gözlegine çykan, iki sany biçäräniň öz rysgallaryna ýetişi, sadaja, emma täsirli beýan edilýär. Ogulgerek ejäniň ertekileriniň hoşniýetli gahrymanlary adamkärçiligi, başarnygy bilen öz maksat-myratlaryna ýerýärler.
Ogulgerek ejäniň rowaýatlarynyň birini ulanmagy makul bildik. Ol Soltansöýün bilen Myraly hakynda.
Soltansöýün, Myralyşiri gaty gowy görýän eken, emma Soltansöýüniň töweregindäki wezir-wekilleri, kethuda, serkerdeleri, Myrala köp görübilmezçilik edýän ekenler. Günlerde bir gün, Soltansöýün patyşa şikara çykypdyr. Özüniň wezir-wekillerinden sesýetim öňde barýan eken. Myralyşir hem yzda goşunlaryň öňüni çekip gelýän eken.
Wezir-wekil, kethuda ulamalar:
– Sen Myralyny bizden ileri tutýaň, ony gowy görýärsiň, bizi ondan aýra tutýaň. Onuň bizden, artyk ýeri barmy?– diýşip ýolboýy zeýrenişip gelipdirler. Soltansöýüniň gulagyny kamata getiripdirler. Soltansöýün bolsa bulara hiç bir jogap bermän, böwrüni diňläp gelýän eken. Myraly bolsa bu gürrüňlerden habarsyz, yzda goşunlar bilen gelýän eken. Şol wagt Soltansöýün birden töweregine garasa, halha, bir äpet peşmek ýeliň ugruna baka togalanyp, salgym atyp barýar. Soltansöýün daşyndakylara bakyp:
– Baryň-da, şol gidip barýan pişmekden habar alyp geliň! – diýip buýurýar. Onda wezir-wekil ulamalar:
–Şahy älem, ol bir dilsiz-agyzsyz, ýeliň ugruna baka barýan, gury peşmek. Ondan nähili habar alyp bolar? – diýip, zeýrenşip başlapdyrlar. Soltansöýün olara hiç bir jogap bermän:
– Myraly! – diýip, çagyrypdyr. Myraly, şol wagt atyny gamçylap, gapdalynda häzir bolup:
– Şahy älem, buýrugyňyza men häzir – diýipdir. Soltansöýün:

– Bar, hol barýan peşmekden habar alyp gel! – diýipdir. Myraly sesini çykarman peşmege tarap atynyň başyny öwrüp gypbasaýypdyr. Atyny ýüzün salyp ýoluň ugruna barýan peşmegiň öňi bilen aýlanyp, birdem säginip, ýene atyny yzyna baka ýüzün salyp gelipdir. Soltansöýün:
– Nätdiň, habar tutduňmy? – diýip sorapdyr. Onda Myraly:
– Tutdum patyşahym.
– Näme soradyň, ol näme jogap berdi?
Myraly:
– Men ondan „Elemtas bolup nirä barýaň?“ diýip, soradym, „göçüp barýan“ diýdi. Men „Nirden göçüp nirde gonjak?“ diýip soramda, ol: „Meniň göçenimi ýel biler, gonanymy gol“ diýip jogap berdi. Menem gaýdyberdim patyşahym! – diýen.
Soltansöýün töweregindäkilere:
– Akmaklar, gördüňizmi, bu bir gurap giden peşmege dil bitirip, habar tutup geldi. Siz bolsaňyz, „Ondan habar alyp bolarmy?“ diýip zeýrenişýärsiňiz, ýene oňa görübilmezçilik edýärsiňiz – diýipdir.

Taýýarlan: Şirinjemal GELDIÝEWA.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly